# Ýüregim Watan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýüregim Watan Söýýärin Watanmyň bütin topragny,
Dagyny, bagyny, altyn ýapragny,
Gyşyny, güýzüni, tomsuny, ýazyn,
Çünki men Watanmyň iýýärin duzun.

Söýýärin tokaýny, jeňňelin, çölün,
Ýabyny, derýasyn, deňizin, kölün,
Bilbil, gögerçinin, ördegin, gazyn,
Çünki men Watanmyň iýýärin duzun.

Söýýärin ekinin, otunyn, malyn,
Obasyn, mekdebin, şäherin, ilin,
Gopuzyn, tüýdügin, aýdym owazyn,
Çünki men Watanmyň iýýärin duzun.

Duşman basmak üçin uzatsa burnun,
Postumda arslan dek ýararyn garnyn,
Ömür baky tapmaz ol gelen yzyn,
Çünki men Watanmyň iýýärin duzun.

Diýer pomma, meniň geregim Watan,
Gözümiň göreji, ýüregim Watan,
Işlärin, goraryn Watanmyň özün,
Çünki men iýýärin Watanmyň duzun.

Pomma Nurberdi. Goşgular